# Madaw degişmeleri

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Madaw degişmeleri MADAW DEGIŞMELERI

– Awçy awuny garawullanda, näme üçin bir gözüni ýumýar?
Madawly oňa düşündirýär:
– Päh-eý, şonam bileňokmy? Iki gözüni ýumsa, hiç zat görmez ahyry!

* * *

Madawly ýitig düýelerini gözlemäge gitjek bolup durka, beýlekisi gelýär:
– Menem ýoldaş edip äkitsene!
– Yh-ym, düýe nogtalap bilýäňmi?
– Ýok.
– A duşaklap?
– Juk.
– Gaçanda motosiklli kowup, gaýtaryp bilersiňmi?
– Muny-da başarmaryn.
– Eh, dost jan, näjüre-aýt sen? Ondan-a keýwanymy äkidenimde bolmaýarmy?

* * *

– Men-ä işde gowy dynç alýan – diýip, madawly gürrüňdeşine gussalyrak ýüzlenýär.
– A öýde näme?
– Neme-dä… Aýalymyň ýumuşlaryna ýetişip bilmän lütüm çykýar-da.

* * *

Iki dogan kolhozyň bir süri garaköli goýnuny bakýarmyşlar. Bu janawerlerem näme, bir damjany iki bölen ýaly meňzeşje. Ulusy irden sürini örä äkidýär. Görse, golaýjakda 40 garaköli dur. Ol hasyr-husur özüniňką urdurýar. Günortan goşa gelende

inisine aýdýar:
– Bally, kyrk sany ýitig garaköli tapyp, sürimize goşdum. Men oba gidip, şäherde satmak üçin, kireýine maşyn getireýin. Olary satyp, maňa ýeňil maşyn alaly. Indiki saparam şeýle bolanda saňa. Goý, ýitirmesinler.
Ol basym motosiklini otlap, oba gidýär. Inisi sürini sanaýar weli, laýyk öz goýunlarynyň sany bolýar duruberýär. Kyrky kemende şonça dowar ýetenok. Inisi agasynyň öz sürüsinden ogurlap, ot-elek bolup ýörşüne diňe ýylgyraýýar.

* * *

Çölde gawun saklap ýören madawly 3-4 gün öýüne gidip gelmek üçin oba adam ýollap işşekçer ogluny getirýär-de:
– Ine, aşagyňa keçe ýazyp, hezil et-de, ýat! – diýýär.
Heniz düzde ýeke ýatyp görmedik oglany gorky basyp hopugýar. Dädesiniň ýüzüne-de gelip bilenok. Dädesi ikinji gezek:
– Kynçylyk ýok. Ýaňky aýdyşym ýaly, keçe ýazyp, hezil et-de, ýat – diýip, ugraberjek bolanda, gyssanan ogly aşak bakyp, näderini bilmän, seslenýär:
– Be-e, dädem-aýt! Keçäň üstünde gürleşere-de biri gerek ahyryn!

Toplan: Annatagan NURGELDIÝEW. Degişmeler